# Täsin adam bilen söhbet -2

Category: Goşgular,Kitapcy,Söhbetdeşlik
написано kitapcy | 23 января, 2025
Täsin adam bilen söhbet -2 IKINJI SÖHBET

– Esasy maksadym, öz halkymyň taryhyny öwrenmek, bilmek. Ynha uniwersiteti gutarýalar. Emma türkmen halkynyň taryhyny bilenoklar. «Beýtmäň oglanlar, ilki özüňizi tanap, onsoň goňşyňy tanamaly. Özüňi tanaman, ili tanajak bolsaň, kyn düşer. Çeken azabyňyz iliňki bolar durar. Öz kimligiňizi halkyňyza düşündiriň» diýýän. Özüňi tanaman, ili öwüp ýa döwüp oturmagam gelşikli dälmikän diýýän.
Şu ýerde bir waka ýadyma düşýär. Otuz altynjy ýyl, birje toklymyz bardy, şonam Mara iberemizde, ýolda tutulypdyr weli, kakam bilen Saragta gitdik. Gidemizde gijede, hiç zat görmedik. Gaýdyşyn, gündiz gaýtdyk. Gaýdamyzda edil Gowşut galaň içinden geçdik. O zeýilli, zatlaram bilemokdym. Tejen–Saragt köne ýoly Gowşut galany ýaryp geçýär. Gala üç bölekden ybarat. Hemmesem bir göwrüm weli, ýöne içi kesilen. Şonda soramda kakam gürrüň berdi. Doglan ýerimizem şo ýeri jeň. O zatlary bilemokdym. Obamyz şu galaň düýbünde eken. Ýigrimi bäşinji ýylda Gaňňalyň tokaýyna süýşüpdirler. Ýagly depe obasy. Mädemin hanyň kellesiniň alnan ýeri bir bilýänje zadym şody.
Soldatlykda bolamda bir waka ýadymda. Soldatlygyň bäsdeşligi – batyrlyk, öz halkyň edermenligi, watançylygy. Iller öwünýär, bir öwünýä. Men bolsa öwüner ýaly zat tapamok. Bir gezek, kyrk altynjy ýyl, nirede durduk? Günbatar Ukrainada bolsa gerek. «Georgiý Saakadze» diýip, gruzinleriň kinosyny getirdiler. «Biziň halkymyz şeýle gorady» diýip, grizunler şeýle bir begenýä. Ýene bir on günden ermenileriň «Dawid beg» atly kinosyny getirip görkezdiler.
Gruzinlere bäsdeş eken ermeni oglanlary. Turup tans oýnaberdiler. Aý, bizem jidirdän bolýas iki sany türkmen oglan bolup. «Gowşut hanymyz bar. Mädeminiň kellesini alypdyr. Şu zeýilli» diýýäň weli, «Aý, ol garry mamaňdan eşiden

ertekiňdir» diýýärler. Içiňden ok bolup geçýär, nätjegiňi bileňok. Orus dilinem gaty gowy bilemzok. Şeýdip, içim-bagrym dagy ýanýar-da. Ýogsam dagy olaň döşündäki jäjegem biziňkiden kän däl. Ýa ylgaşanda bir ozup duran, ýa göreşende artykmaç ýykyp duranok. Hiç bir üýtgeşik zady ýok. Özümiz ýaly soldat weli, onda-da çyrpynyşýarlar. Bilýä-de, öz halkyny tanaýar.
Onsoň näme, gelip, şuny ýazaýyn diýen pikir kellämden çykmady. Bir gezegem otly bilen Baýramala gidip barýardyk weli, küpede özüňiz ýaly oglanlar gabat geldi. Bile barýas. «Nirä barýaňyz?». «Kiýewe». «Näme iş bilen?». «Kino alýas» diýdiler. Menem begenip: «Sizem şeýtseňiz-läň, biz ýaman nägile bolup gaýtdyk şeýlelerden. Sözümizi düşündirip bilmedik. Iller şeýdýän ekenler» diýdim. «Gowşut hanymyz bar-a. Sizem şo hakda film alyp bilýäňiz-ä!» diýdim. Biri oturdy, oturdy-da: «Ol feodal ahyryn» diýdi. Men o wagtlar özümem känbir syýasatdan ýaragly däl-de. Feodal, kapital sözüni o wagtlar kän saýgaryp bilmeýän döwrüm-dä. Dymmakdan başga zat bolmady. Özlerem türkmen oglanlary.
Soň Mäti Kösä gabat geldim. Ykbalym şoň ýanyna getirdi. «Mäti aga, biz ine şü zeýilli nägile bolduk Ýewropada. Bizde watançylyk güýçli diýilýär. Emma hiç ýerde zat ýok. Dilimiz gysga bolýar. Şeýtseňiz bolmaýarmy?» diýdim. «Wah, inim, seň diýýäniň hakykat. Watançylygymyzam güýçlüdir, hemme zadymyzam güýçlüdir welin, ýöne han diýilse, Türkmenistany dar agaçdan tokaý ýaly edip, ýa bolmasa, adamlaryň uçdantutma kellesini kesip duran diýip düşünýärler. Seň diýen adamlaň hiç adam asanam däl, ýa adam çapanam däl, ýurt çapanam däl. Gelen duşmany serpikdirmeden başga zat edenokdy» diýdi. «Onda men Gowşut hany ýazaýyn» diýdim. «Ýok, Gowşut hany ýazma! Gowşut hana diýdirjek pikiriňi Şalha batyr diýip, Goňurdan bir adam bolmaly. Ol şo uruşlaň hemmesini başyndan geçiren, gödegräk bir adam. Urşa-da gödek adam gerek. Pylan ýerde pylan adam bardyr, şolar gaty gowy bilýändir. Sen şolaň ýanyna git» diýdi. Özem gowy edip gürrüň berdi. Ine, şonuň bilen ony bäş-alty ýylyň dowamynda iş edindim. Dört gezek täzeden işläp, göçürdim. Yzynam Gökdepä, orsuň gelşini ýazaýyn diýip ýördüm-dä. Materialynam taýýarladym. Gahrymanlaryma diýdirjek

goşgularymy hem ýazyp goýdum.
Mäti aganyň «Gowşut hany ýazma» diýmeginiň sebäbi, han diýlende, türkmeniň hanlary hem Hywa hanlary ýaly bolandyr diýip düşünýärler. Şoň üçin ýazaňda-da çap etmezler diýdigidi.
Bütindünýä taryhyny agdaraňda-da, okamaga rugsat edilmeýänlerinem köp diňledim, eşitdim, özüm patdyk-satdyk okadym. Bütindünýä taryhynda bir nesilde bir adama iki gaýry ýurdy basyp almaga gelen duşmanyň garşysyna çykyş edip, ikisinde-de ýeňiş gazanan sanlyja serkerde bar. Bir-ä Aleksandr Newskiý bar eken. Newa derýasynyň boýunda şwedleri ýeňýär. Ikinji saparam Çut kölünde nemesleri buza gark edýär.
Ikinjisem bizde – Gowşut han. Gowşut han teke türkmeniň togtamyşynyň beginden. Begiňem gökjesinden. Oňam ýary gökjesinden. Ýary gökjesiniňem çüri gökjesinden. Gelip çykyşy şeýle: bosgun bolanlarynda gaçyp barýan ekenler welin, bir uly gyz çöpüň düýbünde ýatan çagany gujagyna alypdyr. «Näme çürreşip ýatyrsyň?» diýip, adyna çüri goýup, şondan ýaýranlaram çüriler bolup gaýdýar. Çüri bölegindenem Gowşut han bolupdyr.
Geçen asyryň ellinji ýyllarynda Gowşudy han saýlaýarlar. Ondanam aňyrda weli, ýöne şumat ýadymda ýok.
1855-nji ýylda Hywa hany goşun sürüp gelýär. Saragt tekeleriniň üstüne. Mädeminiň kellesi galýar. Göwresini alyp gaçýarlar. Onuň kellesini Gowşut han Maşada sowgat edýär. Saragtda Horasanyň dikmesi Soltanmyrat eken. Ol aýrylandan soň Ferdowsi diýip biri bolýar.
Soň Eýrandan Hemze Mürze goşun sürüp gelýär. Onda-da Gowşut han ýeňiş gazanýar.

– Gurban aga, ýaňy «Gökdepe söweşleri» hakda material topladym» diýdiňiz-de, gürrüňi başga ýana sowduňyz. Soň näme boldy-da?

– Hawa, şo wagtam gazak ýazyjysy Muhtar Öweziň «Abaý» diýen romanyny okadym. Gazak diýen halky şeýle bir çintgäp, şeýle bir görkezipdir weli, dilini bilseň, hiç kimden zat soraman, baryp goşulyp ötäýitmeli edipdir. Hemme däp-dessury bar: ýas

tutuşyny, toý tutuşyny… hemmesini birin-birin jikme-jik beýan edipdir. Bäh, biziň eserlerimiziň birinde-de o zeýilli zat ýok-da.
Berdi Kerbabaýewiň «Aýgytly ädiminiň» başynda bir toýumyz bar, ýasymyz bar azajyk. Olam diňe teke türkmene degişli. O zat ýomutda başgaça, salyrda başgaça, çowdurda başgaça. Arada Jebele toýa bardyk weli, bir gelinden sorasak: «Mysaýyba barjakmy ýa uly toýa?» diýdi. Şoňa düşünip bilmedim-dä. Olarda öýlenýän ýigidiň mysaýyby – dosty bar eken. Olam deň-duşlaryny ýygnap, toý edýär. Umumy toý bolsa öýlenýän ýigidiň öýlerinde. Mysaýyp diýilýän öýlenýän ýigidiň ähli ynanjy eken. Ol özüniň ähli zadyny şoňa ynanýar. Ikisiniň arasynda hiç hili müňkür zat bolmaly däl. Mysaýyp süýtdeşiňdenem eziz görülýär.
Salyr türkmenlerini alyp göreliň. Düýpgöter başga. Guda barlyşam, toý edilişem, ýas tutulyşam, aglanyşam… hemme zady üýtgeşik.
«Abaýy» okap çykanymdan soň öz obamyň başyndan geçirenleri, däp-dessury hakda ýazmak pikiri döredi. «Ildeşler» diýip, iki kitapdan ybarat goşgy bilen roman ýazdym. Biri on müň setirlik, beýlekisi on üç müň setirlik. Jemi ýigrimi üç müň setirlik roman.
Şonda salyr bilen tekäň hemme düzgünini, bir ýerde rowaýaty bolsa hemmesini içine aldym. Salyrlaryň däp-dessury ýaman üýtgeşik-dä. Guda bolanlarynda zatda, gepleşmän, üm bilen düşünişip, guda bolýarlar. Salyr aýallary ýas tutanlarynda el çarpyp aglaýarlar. «Boý, boý, boý, boý, boý» diýip aglaýarlar. Aýallaň ýüzi perdeli, oňa dassar diýýärler. Sary dassar atynýanlary ýaşlar. Garrylary ak atynýarlar. Tegelek oturýarlar. Ortada bir dilewar ýaremezan sanaýjy ýaly biri oturýar. Wepat bolan jesediň ýaşyna göräräk goşgusy bar. Ýaremezanyňky ýaly-da. Ýa monjugatdyňky ýaly. Üç setirini sanaýar, dördünji setirinde, ine, biz, «ýa-re-me-za-an» diýýäs-ä, edil şolar ýaly. Şoňa çenli synçgyryp aglaýan bolsa, dördünji setirinde hemmesi el çarpyp «boý, boý» diýip aglaýarlar. «Ildeşlerimde» şuny görkezendirin.

– Güljemal han hakda nämeler aýtjak?

– Nurberdi hany Ahalyň we Marynyň hany saýlanlaryndan soň Güljemaly oňa äberýärler. Ol ozal dul gelin. Äri jeňleriň birinde wepat bolýar. Nurberdidenem Ýusup bolýar.
Güljemal han diýilse-de halk tarapyndan ýörite saýlanan däldir. Türkmeniň bir häsiýeti bar. Eger äri pylan baý bolsa, aýalynyň adynyň gapdalyna-da baý sözi goşulaýýar-da. Güljemalyň özi amaşa tiresinden.
On ýedinji ýylyň açlygyna çenli Güljemal gaty garrapdyr-da. Maryda teke türkmenleri iki bölek. Derýaň bäri ýüzündäkilere utamyş, aňry ýüzüne togtamyş diýýärler. Şo ýyl halk açlyga sezewar bolýar. Şonda utamyşdan Weli baý «Ikimiz halky açlykdan çykaraly» diýip, Ýusup han bilen bir çukura tüýkürýärler. Emma Ýusup hanyň aýaly bilen ejesi Güljemal han muňa razy bolmandyrlar. «Zadymyzy halka berip näme?» diýipdirler. Bärki Weli baý bir sürini obaň beýle ýanyna getiripdir. Çuwal-çuwal ýarma ýardyrypdy-da, günde bir goýun soýdurypdyr. Jar çekdirip, rowgatdan gaçan adamlary naharlapdyr. Emma Ýusup han sözünde tapylmandyr. Derýaň gaýra ýüzünde weli «aç öldümiň mazary» diýilýän zat bolupdyr.
Ýusup han ejesinden öň ölüpdir. Şonda öljek bolup ýatyrka: «Eje, ammar-ammar bugdaýlarymyz bar. Men-ä elim boş gidýän. Sen yzymdan eltersiň-dä» diýipdir. Şonuň ýaly gürrüň bar.
«Güljemal gysyklygyna gaty gysyk bolupdyr. Ýöne syrnyh diýilýän zadam şodur» diýip, bir mugallymym aýdypdy. «Bir adamyň «zat bermän, halky aç gyrýardyň» diýip, onuň mazaryny taýaklap duranynam bilýän» diýipdi ol.

– Gurban aga, poemaňyzda mongollaryň agalyk süren döwürlerini örän beletlik bilen beýan edipsiňiz. Olaryň iň soňky patyşasy kim boldukan?

– Soltansöýün Baýkara mongollar dinastiýasynyň iň soňky hökümdary. Şu töwerekde ady tutulýan hanlaryň hemmesi mongollardyr. Bir türkmen ýa-da bir pars ýokdur. Düşündiräýeýin.
Araplar Omar döwründe 634-den 644-e çenli, 10 ýylyň dowamynda musulman döwletine patyşalyk edýär. Şonda Eýranda sasanidler

döwleti bolupdyr. Ol soňkusyna ýezdegiredler diýilýär. Ol gaçyp gelip, Maryda öldürilýär. Şondan soň tä 1924-nji ýyla çenli Eýranda pars halkyndan patyşa bolan adam ýokdur. Araplar, araplar sowlandan soň türkmenler, türkmenler sowlandan soň ýene mongollar. Mongollar sowlandan soň ýene türkmenler. Ýaňky diýjek bolýan zadym, Soltansöýün Baýkara patyşalykda Teýmirleňiň soňky nesli. Baýkara 1506-njy ýylda ölýär weli, olaň imperiýasy dargaýar.
Durunda ýaşaýan Hajymuhammediň ogly Arapmuhammet Döwkesene baryp, Hywany eýeleýär. Arapmuhammediň aňyrsy mongol. Ol Abulgazyň kakasy-da. Abulgazy Arapmuhammediň türki aýalyndan bolan. Mongol aýalyndan bolanlar kakasynyň gözüni oýýar.
Han saýlananda onuň dini musulmanam bolsa, süňňi mongoldyr. Hökman şolardan saýlanypdyr. Eger bir welaýata dikme goýjak bolsaň, edil şoň neslinden tapmasa, töre goýlupdyr. Bizde arap nesli bolsa öwlat diýýäs-de. Ine, biziň eje toparymyz türki gyzy, şyhlaryňkam şolar ýaly, kakalary arap, gazak halkynda-da şeýle. Emma gazak, gypjaklardan, kakasy mongol bolsa töre diýilýär. Eger süňňi arassa mongol bolmasa, onda dikmäni töreden goýupdyrlar.
Baýkara ölenden soň Buharada şeýbanyler döwleti gurulýar. Fergananyň dikmesi Babyr baryp Hindistanda Beýik mogol döwletini gurýar. Eýrany bolsa sefewi türkmenleri eýeleýär oturyberýär. Iň soňky şa Apbas dagam sefewilerdendir. Nedir şa-da awşar türkmenlerinden. Nedir şany öldüren dört serkerdäň biri çowdurlaň abdallaryndan Ahmet Dürrany. Owganystany bölege alyp, döwlet döredýär.
Baýkara ölenden soň imperiýa dargaýar. Eýranyň tagtyna Ysmaýyl sefewi çykýar. Söhbetdeşlik